THE ASHGABAT TIMES

# Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasy 2024-nji ýylyň 12 – 13-nji iýunynda Aşgabat şäherinde Türkmenistanyň Ylymlar gününe bagyşlanyp gibrid görnüşde geçirilýän halkara ylmy konferensiýa gatnaşmaga çagyrýar

Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasy 2024-nji ýylyň 12 – 13-nji iýunynda Aşgabat şäherinde Türkmenistanyň Ylymlar gününe bagyşlanyp gibrid görnüşde geçirilýän **“Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ylym, tehnika we innowasion tehnologiýalar”** atly halkara ylmy maslahata gatnaşmaga çagyrýar.
**Ylmy maslahatyň iş dilleri:** türkmen, iňlis we rus.

**Ylmy maslahatyň tematiki ugurlary:**

1. Nanotehnologiýalar, himiki tehnologiýalar, täze materiallary öwrenmek we energetika;
2. Biotehnologiýa, molekulýar biologiýa, oba hojalygy, ekologiýa we genetika;
3. Maglumat we aragatnaşyk ulgamlary, kompýuter tehnologiýalary;
4. Häzirki zaman lukmançylygy we derman serişdelerini öndürmek tehnologiýalary;
5. Innowasion ykdysadyýet;
6. Ynsanperwer ylymlar.

Ylmy maslahata gatnaşmaga isleg bildirýänler zerur maglumatlary tabşyrmak üçin degişli **şertleri we talaplary** berjaý etmelidirler.

**Ylmy maslahata gatnaşmak üçin degişli resminamalar, nutuklaryň gyçgaça beýanlary we annotasiýalary 2024-nji ýylyň 31-nji martyna çenli kabul edilýär.** Düzgünlere laýyk gelmeýän we bellenilen möhletden soň tabşyrylan işlere garalmaýar.

Все права защищены

save pdf date >>> 22.11.2024